# Gogolyň dramaturgiýasy

Category: Kitapcy,Teatr we kino sungaty
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gogolyň dramaturgiýasy GOGOLYŇ DRAMATURGIÝASY

Nikolaý Wasilýewiç Gogol 1809-njy ýylda Poltawa guberniýasynyň (Uly Spoçinsa obasynda doglup, 1852-nji ýylda Moskwada aradan çykypdyr. Rus-ukrain ýazyjysy, dramaturgy. Rus edebiýatynda tankydy realizmiň düýbüni tutujy. Oba pomeşigininiň maşgalasynda dogulýar. N.W.Gogolyň kakasy W.A.Gogol-Ýanowskiý birnäçe komediýanyň awtory bolupdyr. N.M.Gogol çagalygyndan teatr bilen gyzyklanýap. Ol Nežinskiý gimnaziýasynda okan döwründe spektakl bilen çykyş etmekligiň guramaçysy bolupdyr. Gimnaziýada D.I.Fonwiziniň «Ulalyp oňalmadygynda" Prostakowanyň (aýal) keşbini döredipdir. 1828-nji ýylda giminaziýany tamamlap Peterburga aktýor bolmak arzuwy bilen gelýär. Ýöne, onuň arzuwy amala aşmaýar. N.W.Gogol ilkinji gezek ukrain halkynyň durmuşyna bagyşlanan eserini ýazýar. Eseriň esasy mazmuny ukrain halk döredijiligi bilen baglanyşykly bolupdyr.
N.W.Gogolyň dramaturgiýa babatdaky döredijiligi XIX asyryň 30-njy ýyllaryň başlaryny öz içine alýar. Ol 1833-nji ýylda ýiti mazmunly «3-nji derejeli Wladimir" atly sosial komediýasyny ýazýar. Komediýada býurokratlaryň, çinownikleriň, merkezde ýaşaýan aristokratlayň halka salýan zulmuny açmaklyk niýet edinenem bolsa, gutarylman galdyrylypdyr. Komediýanyň gutarylman gadyrylmagyny N.W.Gogolyň özi: «Meniň galamym şeýle bir zatlaryň üstüni açmaga dyrjaşýar welin sahna çykarmaga döwletiň ygtyýar etmejegine gözüm ýetip dur" diýip belläpdir. 1840-1842-nji ýylarda şol gutarmadyk pýesasyna dolanyp, saklanyp galan böleklerinden dört sany komediýany ýaz-magy başarypdyr. Onuň saklanyp galan ýazgylaryndan döreden «Işewür adamyň ertiri" (1871) komediýasy Aleksandrinskiý teatrda sahna çykarylypdyr. «Dawa" (1844), «Hyzmatkär" (1863), «Parça" (1860) komediýalaram öňki Aleksandrinskiý teatrynda goýlupdyr. Bu teatryň sahnasy N.W.Gogolyň dramaturgiýasynyň täzelikçi

reformator, hakyky komediýaçy hökmünde ýetişmegine ýol açypdyr. Onuň özboluşly şahsy häsiýetleri açyp durmuş hakykatyny doly görkezip bilmeginede uly ýardam edipdir.
N.W.Gogolyň taryhy dramasy bolan «Alfred” gutarylman galýar. Ol bu dramasynda iňlis monarhy Alfrediň keşbini döretmekçi bolupdyr. Onuň bu dramasy gutarnykly bolmasada 1835-1856-njy ýyllardaky çap edilen neşirine girizilipdir. N.W.Gogol 1833-nji ýylda başlan komeiýasy «Üçünji derejeli Wladimir” soňlaman galdyrandan soň, ol özüniň «Öýlenmek” komediýasynyň üstünde işläp başlaýar. 1835-nji ýylda «Öýlenmek” pýesasynam gutarman, «Derňewçi” atly komediýasyny döretmekligiň ugruna çykýar. Onuň döredijiliginiň çürbaşy hasaplanýan «Derňewçisi” özüniň ideýa çuňlugy bilen çeperçilik taýdan meşhurlyga eýe bolan komediýasynda samoderžawiýa döwlet gurluşynda dworýançylyk, çinowniklik jemgyýetiniň dargandygyny, çüýrükdigini örän ussatlyk bilen açypdyr. Komediýada Hlestakowyň gülkünç başdan geçirmeleiniň üsti bilen oba çinownikleriniň nejis keşpleri açylyp gökezilýär. Komediýa salnan şäher häkimi Gorodniçeskiniň keşbiniň üsti bilen patyşa Russiýasynda durşy bilen ýalana, parohorlyga, diňe özlerini bilýän sosial kesele öwrülmekliginiň sebäpleriniň üstüny giňden açypdyr. Komediýanyň beýikligini bellän A.I.Gersen: «Gogolyň «Derňewçi” komediýasy, «Öli janlar” romany häzirki zaman Russiýasynda gorkunç toba etmeklik” diýip, ýazýar. (A.I.Gersen. Saýlanan eserler, tom 7, sah. 229).
N.W.Gogolyň «Derňewçisi” ilkinji sapar 1836-njy ýylyň 19-njy aprelinde Peterburgyň Aleksandrinskiý teatrynda sahna çykarylypdyr. Komediýada Gorodiçiniň keşbini-Sosniskiý, Hlestakowyň keşbini-Dýur döredipdir. «Derňewçiniň” teatr sahnasyna çykarylmagy rus jemgyýetçiliginde yly hadysa bolup dünýä teatr sungatynyň taryhyna girýär. Komediýa tomaşa edenleriň bir bölegi bu bolmajak zat, töhmet, ýönekeýje fars diýip gykylyk turuzsa, ýurduň öňde baryjy intelligensiýa gatlagy «Derňewçini”gutlap komediýanyň hakykaty açyp bilendigini ýazypdyrlar. W.G.Belinskiý «Derňewçiniň” peýda bolmagy bilen N.W.Gogolyň öz satirasynyň üsti bilen demokratiýanyň düýp manysyny berip bilmegini A.S.Gibaýedowyň

«Akyl zerarly hasrat” komediýasyna 1840-njy ýylda ýazan makalasy bilen deňeşdirmek arkaly suratlandyrypdyr. N.W.Gogol öz komediýasynyň sahna çykarylyşyndan göwni suw içmändir. Esasanam Hlestakowyň keşbini döreden aktýoryň oýnaşyny ýönekeýje durmuşy wodewilde oýnunda çykyş edýän bezzada deňäpdir. N.W.Gogol özüniň A.S.Puşkine ýazan hatynda-da Hlestakowyň keşbini göreden Dýuryň sahnadaky hereketlerini «ýönekeýje ýalan”, «wodewildäki bezzat” atlandyrmak bilen komediýanyň düýp manysyny düşündirmekde (interpretasiýa) sahnada edilmeli çuňňur pikirleri we maslahatlaram aýdypdyr. 1836-njy ýylyň 24-nji maýynda ,,Derňewçi” Moskwanyň Imperatorçylyk sahnasyna çykarylýar. Bu ýerde şäher häkimi Gorodniçniniň keşbini M.S.Şepkin, Hlestakowyň keşbini D.T.Lenskiý döredipdir.

1842-nji ýylda ýiti we çuňňur sosial satira ugrulan ,,Öýlenmek” komedi-ýasynyň gutarnykly redaksiýasy çap edilýär. Komediýada täze buržuaz gatla-gyň jemgyýete aralaşmagy doş, ahlak taýdan hapa dworýan jemgyýetiniň eden-etdiligi satiranyň üsti bien geregiçe beýan edilýär. «Öýlenmek” komediýasy ilkinji gezek 1842-nji ýylyň 9-njy dekabrynda Peterburgyň Aleksandrin-skiý teatrynda sahna çykarylýar. Spektaklda hereket edýän baş gahrymanlar bilan Podkolesiniň keşbini Martynow, Koçkarýewiň keşbini Sosniskiý döredipdir. «Öýlenmek” 1843-nji ýylyň 5-nji fewralynda Moskwanyň Uly teatrynda aktýor M.S.Şepkine kömek (benefis) bermek üçin sahna çykarylýar. Komediýada Podkolesiniň keşbini Şepkin, Koçkarýewiň keşbini Žiwokini döredipdir. «Öýlenmek” soň sahna çykarylanda aktýorlar Şepkin bilen Žiwokini ýerleini çalşyp oýnapdyrlar. «Öýlenmek” bilen bir wagtda N.W.Gogolyň «Oýunçylar” komediýasam M.S.Şepkine kömek üçin oýnalypdyr. Komediýada ýurtda höküm sürýän gatlagyň ýyrtyjylygy, hilegärçiligi, kezzapçylygy suratlandyrylypdyr. Bu komediýada Uteşitelniň (köşeşdirijiniň) keşbini M.S.Şepkin, Zamuhrişkiniň (kirliniň) keşbini P.M.Sadowskiý döredipdir.

N.W.Gogol tarapyndan çuňňur pikire ýugrylan draturgiýa we teatr teoriýasy hem döredilipdir. Onuň «Teatr duralgasy” (1842), «1836-nji ýyldaky Peterburg ýazgylary”, «1835-36-njy

ýyllardaky Peterburg sahnalary”, «Teatr hakynda, teatra bolan bir taraplaýyn garaýyşlar hakynda” (1845) ýazan makalalarynda, belliklerinde, hatlarynda dramaturgiýa, teatr babatda gutarnykly mazmuny, ideýany (konsepsiýany) düzmekligiň ugurlaryny salgy beripdir. Ol öz makalalarynda: «Teatr hiç bir jähitden bihuda wagt geçirilýän ýer däldir. Ol ynsanyň kalbyna köp-köp ýagşy niýetler siňdirmäge, uçursyz köp mümkinçilikler berýän kafedradyr” diýip, ýazypdyr. N.W.Gogol rus sahnasyna terjimede çykarylýan melodramalara, wodewillere garşy bolupdyr. Ol: «Bize rus durmuşy, rus häsiýetleri gerek, biz rus pýesalaryny talap edýäris!” diýip, ýürekden syzdyryp ýazypdyr. N.W.Gogol dramaturgiň çeperçiligini durmuşa bolan wepalylyk hasaplapdyr. N.W.Gogol: «Komediýa, surat we aýna bolmak bilen biziň jemgyýetimize degişli hakykata gulluk etmeli. Eger gerek bolsa durmuşyň kazysy bolmaly” diýmek bilen, ol ýokarda aýdanlarynyň D.I.Fonwiziniň, A.S.Griboýedowyň eserlriniň içinden eriş-argaç bolup geçýändigini belläp olaryň komediýalaryna ýokary baha beripdir.

N.W.Gogol öz dramaturgiýasynda satyranyň üsti bilen giň hakyky realistik teatry döretmegiň hötdesinden geldi. Onyň öz dramaturgiýasynda batyrgaýlyk bilen öňe süren sosial satirasy dünýä dramaturiýasynyň altyn hazynasyna ömürlik girdi. Keşplere çuňňur adam häsiýetlerini, olaryň gürleýiş äheňlerini aýdyň berip bilmegi dünýä dramaturgiýasynyň läheňleri D.I.Fonwiziniň, A.S.Griboýedowyň, Ž.B.Molýeriň, P.O.Bomarşeniň, K.Goldoninyň yzyny dowam etdiriji diýmäge hukuk berýär. N.W.Gogolyň özem olaryň döredijiligine ýokary baha bermek bilen XIX asyryň realistik dramaturgiýasynyň düýbüni tutuja öwrülipdir. Jemgyýetiň düşünşine görä N.W.Gogolyň komediýalary rus dramaturgiýasynda hakykaty açyp bilýän täzelik hökmünde kabul edilipdir. Ol özýnden öňki dramaturglaryň komediýalaryndaky söýgi hilegärliklerinden, käbir ýerliksiz goşundylaryndan daşlaşyp, komediýanyň «bir umumy, uly düwüne düwülmelidigini, gapma-garşylyklaryň giň jemgyýetçilik ähmiýetiniň bolmalydygyny” öňe sürüpdir. N.W.Gogolyň «Derňewçisinde” bolup geçýän wakalar,

ikiýüzlilikler, ýalanlar, jemgyýete howup salýan belli bir býurakrat çinownik, gahryman, şahsyýet bolman, ol çaknyşyklar ýurduň ähli dowam edýän, halka howup salýan, bejermesi kyn umumy jemgyýetçilik keseldigini «bir uly düwüne” düwüpdir. Ol öz komediýalarynda bir taraplaýyn öwüt beriji (didaktiki) häsiýetlari öňe çykarman, durmuşyň ähli babatlaryndaky häsiýetleri doulygy bilen ýüze çykarypdyr. N.W.Gogol öz komediýalarynda gahrymalaryň köp dürli häsiýetlerini döretmek bilen döwrüň rus hakykatyny açypdyr. Ol ýurduň gündelik ýaşaýşyndaky dagynyk häsiýetleri bir ýere jemläp adam häsiýetleriniň çägini açyp bilipdir. «Derňewçidäki” Hlestakowyň keşbi rus häsiýetlerinde öpän kop. Ol şol häsiýetleri bir ýere jemläp, Hlestakowyň keşbiniň üsti bilen tomaşaça ýetiripdir.

N.W.Gogol «naturalistik” teatra we göçürme nusgalara garşy bolupdyr. Ol elmydama uly höwes bilen grotesknokomediýa (Groteskno – edebiýatda we sungatda adatdan daşary ulanylýan usul. Sözlüge seret.) usulyny ulanyp ýiti sýužetleriň üsti bilen esere açyk reňki çaýmak arkaly halk teatrynda Ž.B.Molýeriň, K.Goldonynyň adatlaryny dowam etdiripdir. W.G.Belinskiý bu barada: ‘Gogol özüniň «Derňewçisinde” eseriň görnüşini we mazmunyny bermekde juda gysga çeperçilik takyklygy ulanyp, dramaturgiýanyň serişde-lerini siňdirip bilipdir”-diýse, W.I.Nemirowiç-Dançenko: «Gogolyň dramaturgiýasy sahnada ajaýyp dyýgy, teatra bolan uly höwesi döredýär” diýip, belläpdir.

N.W.Gogol öz dramaturgiýasynda boş güýmenjelerden daşlaşyp, ola- ryň ýerlerini döwrebap ýiti, sosial mazmunly, umumy adamzat ýaşaýşyna mahsus keşpler, nusgalar bilen doldurypdyr. Şol bir wagtyň özünde-de spek-taklda birleşen ideýa-mazmuny öňe sürüp, bitewi ansambly döretmegi us-satlarça başarypdyr. Bu barada N.W.Gogolyň özi: «Adamyň durkuny lerzana getirip bilýän sarsgynyň sazly orkestrda bolşy ýaly pýesada-da bolmagy hökmany” diýip, belläpdir. Ol aktýor sungatyna bolan gatnaygyny düşündirmek üçin esasy zadyň aktýoryň durmuş hakykatyna doly düşünip, pýesadaky döretjek keşbiniň ideýa-mazmunyna doly berilip bilmegini isläpdir. N.W.Gogol sahnada

aktýor tarapyndan gerekmejek ulalytmalara garşy bolupdyr. Oňa derek aktýoryň döretmekçi bolýan keşbindäki durmuşy hakykata doly düşünip, şol häsiýetem ýüze çykarmaklygy ündäpdir. Ol: «Akylly aktýor öz döredýän keşbinde ownuk zatlardan, esasanam daşky owunjak täsirlerden gaça durup, umumy adamzada mahsus zatlary görkezmäge çalyşmalydyr” diýýär.

N.W.Gogol möwrütini ötüren ulgamlardan, görnüşlerden, kabul etmelerden gaça durup teatr sungatynda täze ýollary gözläpdir. Onuň dramaturgiýasy we estetikasy rus realizminiň ugurlaryny kesgitläpdir. N.W.Gogolyň durmuş hakykatyny, häsiýetleri giňden açyp bilmek, sosial baýlygy görkezip bilmek, gepleşik žanrynynyň medeniýetini ussarlarça berip bilmek adatlary I.S.Turgeýew, A.N.Ostrowskiý, A.W.Suhowa-Kobylin, M.Ýe.Saltykow-Şedrin, L.N.Tolstoý tarapyndan ösdürilipdir. Onuň komediýalary aktýorlar üçin uly ussatlyk mekdep bolup hyzmat edipdir. Şol emele gelen medepde aktýorlar nesli terbiýelenipdir we häzirem terbiýelenmeklerini dowam etdirýärler. N.W.Gogolyň komediýalarynda keşpleri döreden beýik rus aktýory M.S.Şepkin rus sahnasynda realizmiň ösmegine öz goşandyny goşupdyr. N.W.Gogolyň pýesalary esasanam «Derňewçisi” rus we dünýäniň örän kop dillerinde sahna çykarylmagyny döwam etdirip gelýär. Dünýäniň köp ýurtlarynda «Derňewçiniň” we «Öýlenmegiň” taryhy we ondan gelip çykýan netijeleriň öwrenilmegi do-wam etdurýär.

1860-njy ýylda Peterburgda edebiýatçylaryň güýji bilen tejribe hökmünde sahna çykarylýar. Ýazyjylar A.F.Pisemskiý şäher häkimi Gorodniçiniň, F.M.Dostoýewskiý Poçtmeýsteriň, P.I.Weýnberg Hlestakowyň sahna keşbini döredipdirler. Şol spektaklda ýazyjylar F.A.Koni, I.S.Turgenow, W.I.Maýkow beýki gahrymanlaryň keşplerini sahna çykarypdyrlar. N.W.Gogolyň ýazyjylar tarapyndan sahnalaşdyrylan «Derňewçisi” döwlet sahnasyndaky «Derňewçiden” ähli babatlarda çeperçilik taýdan ýokarda bolupdyr. Şol bir wagtyň özünde meşhur aktýorlary K. N.Rybakowyň, W.N.Dawydowyň Gorodniçisi, M.Sadowskiniň Hlestakowy rus teatrynyň taryhynda «Derňewçiniň” ugruny kesgitledi.

Häzirki zaman sahnasynda N.W.Gogolyň «Derňewçisi” sahna

durmuşyna tarap täze ýol çekdi. Bu ugurdan «Derňewçiniň” çuňňur, nusgawy mazmunynyň açylmagynda «Kiçi teatryň” bitiren hyzmaty has uly hasaplanylýar. Sebäbi «Derňewçi” komediýasy 1919, 1922, 1938, 1949-njy ýyllarda täzeden işlenilip (aktýor ussatlygy) tomaşaçylara ýetirildi. «Derňewçide” döwrüň beýik aktýorlary Prawdin, Golowin, Turçaninowa, Ýabloçkina, Klimow, Ostužýew, Kuznesow, Ilinskiý, Grigorýew, Paşennaýa keşpleri döretdiler. «Derňewçi” 1921-nji ýylda Moskwanyň Geperçilik teatrynda (Häzirki M.Gorkiý adyndaky MHAT teatry) goýulýar. Aktýorlar I.Moskwin-Gorodiçiniň, M.A.Çehow (Ýazyjy A.P.Çehowyň doganynyň ogly. Ilki Germaniýada, soň Amerikada ýaşap, şol ýerde-de aradan çykýar) Hlestakowiň keşbini döredýär. MHT-da ilkinji gezek «Derňewçi” 1908-nji ýylda sahna çykarylypdyr. N.W.Gogolyň «Derňewçisi” käbir teatrlarda tejribe hökmünde-de sahnada goýlupdyr. «Derňewçi 1826-njy ýylda Meýerhold adyndaky teatrda sahna çykarylýar. Komediýanyň bu teatrda ýiti düşündirişli (ostrogrotesk) çykarylmagy komediýada awtoryň mazmun taýdan öňe sürmelerini gereginden artyk bulaşdyrypdyr.Bu teatrda Grin-Hlestakowyň keşbini döredipdir.

Ukraýinada N.W.Gogolyň «Roždestwanyň öň ýanyndaky gije”, ýa-da «Dikanka golaý obadaky gije” powesti sahna diline (inssirowka) geçirilip yzygiderli sahna çykarylypdyr. Bu komediýa 1833-nji ýylda «Peterburgiň Uly teatrynda” sahnada goýlupdyr. Onuň «Soroçin ýarmarkasy”, «Soroçin ýarmarkasy, ýa-da Grisko we Paraska, ýa-da Ýarmarkadaky başdan geçirmeler” ady bilen 1848-nji ýylda Aleksandrinskiý teatrynda tomaşaça hödürlenipdir. 1852-nji ýylda onuň «Taras Bulbasy” hem Aleksandrinskiý teatrynda goýulýar. N.W.Gogolyň ýokarda ady agzalan komediýalarynyň esasynda kompozitorlar Musororskiý «Soroçin ýarmarkasyna”, Rimskiý-Korsakow «Maý gijesine”, Çaýkowskiý «Gurçuklaryna”, Lysenko «Taras Bulbasyna” opera üçin lib-retto ýazypdyrlar. Onuň «Öli janlar” eseri Kulikow tarapyndan inssirowka edilip 1842-nji ýylda Aleksandrinskiý teatrynyň sahnasyna çykarylypdyr. 1932-nji ýylda «Öli janlaryň” inissirowka edilip MHAT teatrynyň sahnasynda goýulmagy rus teatr durmuşyny uly beýiklige göteripdir. Spektaklda aktýorlar Toporkowyň-Çiçikowyň, Moskwiniň-Nozdrýowyň, Tarhanowyň-

Sobakewiçiň, Leonidowyň-Plýuşkiniň keşplerini döretmekleri N.W.Gogolyň döredijiliginiň ölmez-ýitmezdini ýenede bir gezek tassyklapdyr.

N.W.Gogolyň eserleri Sowetler döwründe ähli soýuz we awtonom respublikalarynyň hemmesinde sahna çykarylypdyr. Onuň «Derňewçisi” Gazak Döwlet Akademiki drama teatrynyň sahnasyna 1936, 1940, 1946-njy ýyllarda çykarylyp, aktýor Küneşbaýew Gorodniçiniň keşbini döredipdir.

«Derňewçi” 1952-njy ýylda Özbegistanyň Hamza adyndaky teatrynda sahnada goýlup, aktýorlar Ş.Burhanow Gorodniçiniň, Rahymow Hlestakowyň keşbini ýerine ýetiripdir.

1945-nji ýylda «Derňewçi” Gyrgyzystanyň drama teatrynda goýulýar. Bu teatryň sahnasynda Rysgulow Gorodniçiniň keşbini janlandyrypdyr.

1934-1955-nji ýyllarda «Derňewçi” Türkmenistanyň drama teatrynda goýlup, A.Gulmämmedow Gorodniçiniň, A.Garlyýew Hlestakowyň keşbini döredipdir.

1951-nji ýylda «Derňewçi” Gruzyýanyň «Marjanişwili adyndaky teatryň sahnasyna çykarylýar. Bu ýerde Gambaşizde Gorodniçiniň, Godziaşwili Hlestakowyň keşbini döredipdir. 1938-nji ýylda «Derňewçi” Kiýewiň Franko adyndaky teatrynda goýulýar. Bu ýeriň sahnasynda Şumskiý Gorodniçiniň keşbimde çykyş edipdir. N.W.Gogolyň ölmez-ýitmez «Derňewçisi” we beýleki komediýalary dünýä ýurtlarynda ýaşamagyny dowam etdirýär. Teatr we kino sungaty